Dünýädäki iň uzyn demir ýol – Russiýadaky meşhur Trans-Sibir demirýoludyr. Uzynlygy 8,3 müň km bolan bu ýoluň taryhy bölegi Ýekaterinburg bilen Wladiwostoky birleşdirýär. Häzirki wagtda bolsa Trans-Sibir demirýoly Moskwadan gaýdýan bölümlerini hem öz içine alýar. Diýmek ol Moskwa – Wladiwostok aralygyndaky demir ýoludyr.
Watikan şäherindäki demir ýol ulaglary, Watikan şäheriniň içinde 300 metr uzynlygyndaky iki demirýol liniýasyndan ybarat bolup, dünýäde iň gysga milli demir ýol ulgamydyr.
ABŞ demir ýollary: dünýädäki iň uzyn demir ýol toruny emele getirýär.  Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň (ABŞ) demir ýol ulgamy jemi 298 müň km uzynlykdaky ululy-kiçili demir ýollardan ybarat bolup, dünýädäki bir ýurda degişli bolan demir ýol torunyň iň ulusydyr. Ol öz gezeginde hytaý demir ýollardan takmynan 2 esse we rus demir ýollaryndan 3 esse uzyn.
Häzirki wagtda demir ýol tunnelleriniň içinde  iň uzyn desga Gotthard bazasy tuneli hasaplanylýar. Şweýsariýanyň Alp daglarynda ýerleşýän bu tunnel  57 km-den gowrak bolup, diňe bir uzynlykda däl, eýsem, dünýäde iň çuň tunnel hökmünde hem tanalýar. Onuň ýerden çuňlugy  2,4 km. Tuneliň çuňlugy, Ukrainadaky Donetsk sebitiniň Şahtýorsk şäherinde ýerleşýän  “Şahtýorskaýa-Glubokaýa” (1,5 km) diýip atlandyrylýan iň çuň magdan şahtasyndan has çundur.
Türkmenistanda demir ýol ulaglary 1880-nji ýyldan bäri ulanylýar. Ilkibaşda Zakaspi trans demirýolunyň bir bölegi, soňra Merkezi Aziýa demir ýolunyň bölegi hökmünde kabul edilen. Sowet Soýuzy dargansoň, Türkmenistanda demir ýol ulgamy döwlete degişlidir. Ýurtda Demir ýollaryň umumy uzynlygy takmynan 3600 km

**Jumagül REJEPOWA**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik-gurluşyk**
**institutynyň talyby**

Все права защищены